**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

**— BERKARAR DÖWLETIŇ TÄZE EÝÝAMYNYŇ GALKYNYŞY DÖWRÜNDE ÝURDUMYZY DURMUŞ-YKDYSADY TAÝDAN ÖSDÜRMÄGE GÖNÜKDIRILEN MAKSATNAMALAÝYN IŞLER AMALA AŞYRYLÝAR.**

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR

# MUGALLYMLAR GAZETI

Gazet 1952-nji ýylyň 11-nji ýanwaryndan bäri çykýar.

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

2026-njy ýylyň 28-nji ýanwary

№ 8 (10450)

ÇARŞENBE




## WATAN GORAGÇYLARY ÜÇIN DÖWREBAP MÜMKINÇILIKLER

***24-nji ýanwarda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Lebap welaýatynda Ýaragly Güýçleriň harby bölümleriniň täze binalar we desgalar toplumynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy. Munuň özi Diýarymyzda giňden bellenilýän Watan goragçylarynyň gününiň öňüsyrasynda harby gullukçylar üçin ajaýyp sowgat boldy.***

Ir bilen hormatly Prezidentimiz paýtagtymyzyň Halkara howa menziline bardy we bu ýerden Lebap welaýatyna ugrady. Biraz wagtdan döwlet Baştutanymyzyň uçary Türkmenabadyň Halkara howa menziline gondy we hormatly Prezidentimiz bu ýerden dikuçarda Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň harby bölümleriniň täze binalar we desgalar toplumynyň açylyş dabarasynyň geçirilýän ýerine ugrady.

Dabaranyň geçirilýän ýerinde Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew döwlet Baştutanymyza Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň harby bölümleriniň täze binalar we desgalar toplumynyň açylmaga taýýardygy barada hasabat berdi.

Soňra döwlet Baştutanymyz täze binalar toplumynyň esasy girelgesine bardy. Bu ýerde Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň «Göreldeli» harby orkestriniň ýerine ýetirmeginde Döwlet senasy ýaňlandy. Edebi-sazly kompozisiýada türkmen serkerdeleriniň gahrymançylyga beslenen şöhratly ýoly, Watanymyzyň asudalygyny berkarar etmegiň her bir türkmen perzendi üçin mukaddes borçdugy öz beýanyny tapdy.

Döwlet Baştutanymyz şowhunly el çarpyşmalar astynda toý bagyny kesdi we täze binalar toplumynyň ulanmaga berilmegine ak pata berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy, ilki bilen, toplumyň dolandyryş binasyna bardy we bu ýerde döredilen mümkinçilikler bilen tanyşdy. Harby gullukçylar hormatly Prezidentimize dolandyryş binasynda ornaşdyrylan ýörite enjamlardyr serişdeler, döwrebap howpsuzlandyryş toplumlary, olaryň aýratynlyklary barada maglumat berdiler.

Harby gullukçylar döredilýän şertler üçin hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirdiler hem-de Watan goragçylarynyň harby kasama wepaly gulluk etjekdiklerine ynandyrdylar. Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy harby gullukçylara jogapkärli gullugynda üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra döwlet Baştutanymyz Hormatly myhmanlar kitabynda ýadygärlik ýazgy galdyrdy. Bu ýerde hormatly Prezidentimize Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň şahsy düzüminiň adyndan «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip, 2026-njy ýylyň buýsançly şygary bilen atlandyrylan ajaýyp türkmen halysy sowgat berildi.

Soňra Arkadagly Gahryman Serdarymyz binalar toplumyndaky esgerler ýatakhanasynda döredilen şertler bilen tanyşdy. «Galkynyş» otagy, baý gaznasy bolan döwrebap kitaphana hem harby gullukçylara boş wagtlaryny peýdaly geçirmäge, bilimlerini artdyrmaga ýardam eder. Kitaphanada Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň watansöýüjilige ýugrulan kitaplarynyň ýerleşdirilmegi Watan goragçylaryny harby-watançylyk ruhunda terbiýelemekde, olarda türkmen halkynyň gahrymançylyga beslenen asylly häsiýetlerini kemala getirmekde möhüm ähmiýete eýedir.

Döwlet Baştutanymyz bu ýerde sport otagyna hem baryp gördi. Soňra hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerine täze gelip gowşan döwrebap harby tehnikalar we uçarmansyz uçýan enjamlar, şeýle-de täze binalar toplumynyň esgerler naharhanasynda döredilen şertler bilen tanyşdy.

2

## NETIJELI IŞLERE MÖHÜM ÄHMIÝET BERILÝÄR

***26-njy ýanwarda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we welaýatlarda alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.***

Ilki bilen, Ahal welaýatynyň häkimi T.Nurmyradowa söz berildi. Ol welaýatda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda sebitiň bugdaý ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg işleri alnyp barylýar. Gowaça ekişine taýýarlyk görmegiň çäklerinde sürüm, tekizleýiş we geriş çekmek, topragy mineral dökünler bilen gurplandyrmak işleri utgaşykly ýerine ýetirilýär. Pagta öndürijileri ýokary hilli tohum bilen üpjün etmek maksady bilen, pagta arassalaýjy kärhanalarda tohumlyk pagtany gaýtadan işlemek we gowaça çigidini taýýarlamak, ekişde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny abatlamak, talabalaýyk saklamak boýunça zerur işler alnyp barylýar. Ýeralma, gök-bakja ekinleriniň ýazky ekişine taýýarlyk görmegiň çäklerinde olaryň ekiljek ýerlerini hem-de tohumyny taýýarlamak babatda zerur çäreler görülýär.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmakda oba hojalyk toplumynyň strategik ähmiýetini belledi we welaýatyň ekerançylyk meýdanlarynda dowam edýän möwsümleýin işlerde agrotehnikanyň kadalarynyň berk berjaý edilmegini yzygiderli gözegçilikde saklamagy tabşyrdy. Hormatly Prezidentimiz döwlet maksatnamalaryna laýyklykda, şu ýyl welaýatda açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan desgalardaky gurluşyk işleriniň ýokary hilli, öz wagtynda ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Balkan welaýatynyň häkimi H.Aşyrmyradow welaýatda alnyp barylýan oba hojalyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda welaýatyň ak ekin meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda bugdaýa ideg etmek, hususan-da, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek işleri ýerine ýetirilýär.

2

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI HORMATLY SERDAR BERDIMUHAMEDOWA

***Çuňňur hormatlanylýan Türkmenistanyň Prezidenti!***

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň ilkinji günlerinde gelip gowşan hoş habar — Monte-Karlo halkara sirk sungaty festiwalynda «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna sirk sungatyna goşan uly goşandy üçin Bütindünýä sirk federasiýasy hem-de Ýewropa Sirk assosiasiýasy tarapyndan halkara şahadatnamalaryň gowşurylmagy mynasybetli, hormatly Prezidentimiz, Sizi hem-de ata Watanymyzyň bagtyýar halkyny Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň adyndan tüýs ýürekden gutlaýaryn.

***Hormatly Prezidentimiz!***

Siziň baştutanlygyňyzda zähmet üstünlikleri bilen garşylanan 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip atlandyrylmagynyň özeninde halkymyzyň bu milli gymmatlygymyza goýýan belent sarpasy bardyr. Bu şygar biziň milli döwletlilik ýolumyzyň bedew bady bilen öňe barýandygyny görkezýär. At türkmen üçin myratdyr, maksada ýetmekdir. Täze ýylyň şygarynda aýdylyşy ýaly, bu mekan arzuwlaryň hasyl bolýan, maksatlaryň bedew batly amala aşyrylýan ýurdudyr.

Ahalteke bedewi türkmen halkynyň döredijilik zehininiň we tebigat bilen sazlaşygynyň ýokary nusgasydyr. Halkymyzyň milli buýsanjydyr. Taryha ser salanymyzda, türkmen halky bedewleri özüniň iň ýakyn dosty, hemrasy, syrdaşy hasaplapdyr. Şoňa görä-de, halkymyz «At — myrat», «At agynan ýerde toý bolar», «Aty baryň ganaty bar» diýmek bilen, öz behişdi bedewine uly hormat goýýar. Halkymyzyň buýsanjyna, tutuş adamzadyň genji-hazynasyna öwrülen ahalteke bedewleri Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkyň belent ruhuny, ösüşlerimiziň ýokary depginini aýdyň görkezýär.

***Belent mertebeli Prezidentimiz!***

Geçen ýylyň şanly wakalary hem bedewlerimiziň ýelden ýüwrük bady, dünýä dolan at-owazasy bilen başlanypdy. «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň Monako Knýazlygynyň Monte-Karlo şäherinde geçirilen 47-nji halkara sirk sungaty festiwalynda üstünlikli çykyş edip, Altyn baýraga hem-de ýörite baýraklara mynasyp bolmagy Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň rowaçlyklarynyň başyny başlan waka bolupdy. «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalary öz ussatlyklaryny yzygiderli artdyrýarlar. Olar at üstünde ýerine ýetirýän çylşyrymly hereketleri, milli oýunlary bilen halkara bäsleşiklerde uly ýeňişleri gazanýarlar.

Siziň tagallalaryňyz bilen türkmen bedewlerine aýratyn üns berlip, atçylyk sungatyny ösdürmek, bu ugurda hünärmenleriň döwrebap şertlerde zähmet çekmegi babatda giň gerimli işler alnyp barylýar. Häzirki döwürde atçylygyň gadymdan gelýän milli däpleri hem täze ösüşe eýe bolýar. Ahalteke atçylyk sungatynyň we atlary bezemek däpleriniň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawynda mynasyp orun almagy halkymyzy çäksiz buýsandyrýar.

***Sarpasy belent Prezidentimiz!***

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ösüşleri bedew badyna deňelýär. «Akylly» şäher bolan Arkadag şäheriniň sebiti ady rowaýata öwrülen ahalteke bedewleriniň mekany hasaplanýar. Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda ahalteke bedewleriniň ylmy esasda öwrenilmegi, Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkinde at üstünde oýnalýan milli oýunlary kämilleşdirmek üçin ähli şertleriň döredilmegi, Arkadag şäheriniň binagärlik keşbinde türkmen bedewiniň mynasyp orny eýelemegi halkymyzyň bedew batly ösüşleriniň, beýik başlangyçlarynyň nyşany bolup dabaralanýar. Bularyň ählisi, hormatly Prezidentimiz, Siziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen taglymatyňyzyň berkarar döwletimizde uly rowaçlyklara beslenýändiginiň aýdyň güwäsidir.

***Hormatly Arkadagly Gahryman Serdarymyz!***

Bedew bady bilen gülläp ösýän berkarar Watanymyza gelip gowşan hoş habar — «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna sirk sungatyna uly goşandy üçin Bütindünýä sirk federasiýasy hem-de Ýewropa Sirk assosiasiýasy tarapyndan halkara şahadatnamalaryň gowşurylmagy mynasybetli Sizi hem-de mähriban halkymyzy ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýaryn. Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, döwletli başlangyçlaryňyzyň mundan beýläk hem rowaç bolmagyny, eziz Watanymyzyň bedew batly ösüşleriň täze belentliklerine çykmagyny arzuw edýärin.

Sizi hormatlamak bilen,

**Türkmen halkynyň Milli Lideri,**
**Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy,**
**Gahryman Arkadag Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW.**

WATAN DIŇE HALKY BILEN WATANDYR!

# WATAN GORAGÇYLARY ÜÇIN DÖWREBAP MÜMKINÇILIKLER

(1) Soňra hormatly Prezidentimiz harby bölümiň çägindäki meýdan okuw-türgenleşik suw howdanyna ugrady. Döwlet Baştutanymyz ýolugra sport meýdançasynda harby gullukçylaryň görkezme çykyşlaryny synlady.

Hormatly Prezidentimiz toplumyň çäginde harby gullukçylar we olaryň maşgala agzalary üçin niýetlenen täze, döwrebap ýaşaýyş jaýlaryna bardy. Döwrüň ösen talaplaryna laýyk gelýän bu ýaşaýyş jaýlary harby gullukçylaryň we olaryň maşgala agzalarynyň döwrebap ýaşaýşy üçin ähli amatlyklaryň döredilmegi bilen bagly işleriň hemişe üns merkezinde saklanylýandygynyň aýdyň güwäsi boldy.

Soňra döwlet Baştutanymyz täze jaýa göçüp gelen harby gullukçy we onuň maşgala agzalary bilen söhbetdeş bolup, döredilen şertler bilen gyzyklandy.

Harby gullukçy Watan goragçylarynyň mukaddes gulluk borjuny berjaý etmekleri, maşgala agzalarynyň bagtyýar durmuşda ýaşamaklary ugrunda edilýän aladalar üçin döwlet Baştutanymyza tüýs ýürekden hoşallygyny beýan etdi hem-de mundan beýläk-de harby kasama wepaly bolup, ýurdumyzyň asudalygyny goramak ýaly mukaddes wezipäni üstünlikli ýerine ýetirjekdigine ynandyrdy. Täze jaýa göçüp gelmek bagty miýesser eden harby gullukçynyň maşgala agzalary hem halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak ugrunda edýän hemmetaraplaýyn aladalary üçin ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysyna hoşallyklaryny beýan etdiler.

Döwlet Baştutanymyz harby gullukçynyň çagalarynyň okuwlary bilen gyzyklandy. Şeýle-de ýaşaýyş jaýynyň otaglary, bu ýerde döredilen şertler bilen tanyşdy.

Hormatly Prezidentimiz harby gullukçylar we olaryň maşgalalary üçin amatly şertleri döretmek boýunça alnyp barylýan işleriň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigini belledi hem-de täze jaýa göçüp gelen maşgala agzalaryna sowgatlary gowşurdy.

Harby gullukçynyň maşgala agzalary ýagşy däp-dessurlara eýerip, Arkadagly Gahryman Serdarymyza toý düwünçegini gowşurdylar.

Soňra döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň harby bölümleriniň täze binalar we desgalar toplumynyň açylyş dabarasy mynasybetli täze awtoulaglaryň açarlaryny gowşurdy.

Harby gullukçy hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi hem-de Watan goragçylarynyň harby kasama wepaly bolup, ýurda ak ýürekden gulluk etjekdiklerine ynandyrdy.

Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew Ýaragly Güýçleriň harby bölümleriniň täze binalar we desgalar toplumyny açyp berendigi üçin döwlet Baştutanymyza ähli harby gullukçylaryň adyndan hoşallyk bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow şanly waka bilen ýene-de bir gezek gutlap, hemmelere üstünlikleri arzuw etdi we bu ýerden ugrady.

Şeýlelikde, Watan goragçylarynyň gününiň öňüsyrasynda açylyp ulanmaga berlen Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň harby bölümleriniň täze binalar we desgalar toplumy harby gullukçylar üçin ajaýyp toý sowgady bolmak bilen, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň maddy-enjamlaýyn binýadynyň barha kämilleşdirilýändigini, harby gullukçylaryň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň has-da gowulandyrylýandygynyň nobatdaky aýdyň güwäsine öwrüldi.

**«Mugallymlar gazeti».**

# NETIJELI IŞLERE MÖHÜM ÄHMIÝET BERILÝÄR

(1) Gowaça ekiljek meýdanlarda tekizleýiş we geriş çekmek, pagta öndürijiler üçin gowaça tohumyny, ýazky ekiş möwsüminde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny ekişe taýýarlamak işleri alnyp barylýar. Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda azyk bolçulygyny has-da pugtalandyrmak, gök-bakja önümleriniň öndürilýän möçberini artdyrmak babatda öňde goýan wezipelerinden ugur alnyp, ýeralmanyň we gök-bakja ekinleriniň ýazky ekiş möwsümine taýýarlyk işleri ýerine ýetirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, oba hojalygynyň milli ykdysadyýetimiziň esasy pudaklarynyň biridigini belledi we bol hasyl almak üçin möwsümleýin agrotehniki çärelerde toplumlaýyn çemeleşmäni üpjün etmegi tabşyrdy. Şeýle hem hormatly Prezidentimiz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalara laýyklykda, şu ýyl welaýatda açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan desgalardaky gurluşyk işleriniň ýokary hilli ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Daşoguz welaýatynyň häkimi D.Babaýew welaýatda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi. Hasabatda bellenilişi ýaly, oba hojalyk pudagyny toplumlaýyn ösdürmek, ýurdumyzda azyk bolçulygyny has-da pugtalandyrmak boýunça öňde goýlan wezipelere laýyklykda, welaýatda möwsümleýin oba hojalyk işleri dowam edýär. Bu işleriň çäklerinde şu ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek meýdanlarda sürüm, tekizleýiş, topragy mineral dökünler bilen gurplandyrmak işleri alnyp barylýar. Pagtaçy babadaýhanlar üçin welaýatyň toprak-howa şertlerine laýyk gelýän ýokary hilli gowaça tohumyny, ekişde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny möwsüme taýýar etmek babatda zerur çäreler görülýär. Azyklyk ekinleriň ýazky ekiş möwsüminde ekiljek meýdanlaryny sürmek we tekizlemek, olaryň tohumyny taýýarlamak boýunça degişli işler alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň ýer-suw serişdelerine aýawly we rejeli çemeleşmegiň möhüm ähmiýetine ünsi çekdi hem-de möwsümleýin oba hojalyk işleriniň ylmy taýdan esaslandyrylan usullara laýyklykda alnyp barylmagyny üpjün etmegi tabşyrdy. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalarda göz öňünde tutulan wezipeleriň üstünlikli berjaý edilmeginiň zerurdygyny belläp, welaýatda şu ýyl üçin meýilleşdirilen işleriň ýokary hilli, öz wagtynda ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Lebap welaýatynyň häkimi D.Genjiýew welaýatda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi. Nygtalyşy ýaly, şu günler sebitiň bugdaý ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg işleri alnyp barylýar. Şu ýylyň hasyly üçin gowaça ekişine taýýarlyk görmek maksady bilen, sürüm, tekizleýiş, çil çekmek, ýuwuş suwuny tutmak işleri alnyp barylýar. Pagta öndürijiler üçin ýokary hilli gowaça tohumyny hem-de oba hojalyk işlerinde ulanyljak tehnikalary möwsüme taýýarlamak boýunça degişli çäreler görülýär. Şeýle hem ýazlyk ýeralmanyň, gök-bakja ekinleriniň ekiljek meýdanlaryny, bu ekinleriň tohumyny ekiş möwsümine taýýarlamak işleri ýerine ýetirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, oba hojalyk pudagynyň öňünde durýan esasy wezipelere ünsi çekdi we welaýatda dowam edýän möwsümleýin işleri, hususan-da, bugdaýa ideg etmek, ýazky ekişe taýýarlyk işleriniň ýokary hilli hem-de guramaçylykly geçirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalaryň çäklerinde welaýatda şu ýyl üçin meýilleşdirilen işleriň öz wagtynda ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Mary welaýatynyň häkimi D.Annaberdiýew welaýatda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda şu ýylyň hasyly üçin bugdaý ekilen meýdanlarda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, suw tutmak işleri dowam edýär. Gowaça ekiljek ýerleri ekişe taýýarlamak maksady bilen, sürüm we tekizleýiş işleri, pagta öndürijiler üçin ýokary hilli gowaça tohumyny, ýazky oba hojalyk işlerinde ulanyljak tehnikalary möwsüme doly taýýar etmek boýunça zerur işler alnyp barylýar. Ýurdumyzda azyk bolçulygyny pugtalandyrmak babatda öňde goýlan wezipelerden ugur alnyp, welaýatda ýeralmanyň, gök-bakja ekinleriniň ekiljek meýdanlaryny hem-de tohumyny möwsüme taýýarlamak işleri geçirilýär. Şeýle-de welaýatda ýetişdirilen gant şugundyrynyň hasylyny ýygnap almak we gaýtadan işlemek ugrunda zerur çäreler görülýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, möwsümleýin işleriň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda, ýokary hilli ýerine ýetirilmeginiň geljekde bol hasyl almagyň esasy şertidigini belledi we bu babatda häkime birnäçe görkezmeleri berdi. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalara laýyklykda, şu ýyl welaýatda açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan desgalardaky gurluşyk işleriniň öz wagtynda ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, azyk we dokma senagatyny çig mal bilen bolelin üpjün edýän oba hojalyk pudagynyň milli ykdysadyýetimizdäki möhüm ornuny belledi we häzirki wagtda pudagyň öňünde durýan esasy wezipelere ünsi çekdi. Döwlet Baştutanymyz möwsümleýin işlerde agrotehnikanyň kadalarynyň berk berjaý edilmeginiň oba hojalyk önümçiliginde ýokary netijeleri gazanmaga ýardam berýändigini aýdyp, wise-premýere bu ugurda alnyp barylýan işleri, hususan-da, bugdaýa ideg etmek, ýazky ekiş möwsümine taýýarlyk görmek işlerini yzygiderli gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilen iş maslahatyny jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

**«Mugallymlar gazeti».**



# ÇAGALARYŇ BÄHBIDINI NAZARLAÝAN HYZMATDAŞLYK

***24-nji ýanwarda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa bilen BMG-niň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistandaky wekili Jalpa Ratnanyň arasynda duşuşyk geçirildi. Onda ýurdumyzyň ýaş raýatlarynyň bähbidine köpýyllyk netijeli dialogy mundan beýläk-de pugtalandyrmagyň meselelerine garaldy.***

Söhbetdeşler birek-biregi mähirli mübärekläp, ösüp gelýän ýaş nesliň abadan durmuşy we saglygy baradaky aladanyň Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry bolup durýandygyny bellediler.

Duşuşygyň dowamynda gysga wagtyň içinde ynsanperwer ýörelgeleri amala aşyrmagyň ajaýyp nusgasyna öwrülen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işine üns berildi. Nygtalyşy ýaly, gazna tarapyndan howandarlyga mätäç çagalara ýokary derejeli lukmançylyk kömegini bermek, durmuş goldawyny üpjün etmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar.

BMG-niň Çagalar gaznasynyň wekili Türkmenistanyň eneligi we çagalygy goramak babatda başlangyçlarynyň Durnukly ösüş maksatlaryna doly laýyk gelýändigini aýdyp, gazna bilen gatnaşyklaryň çuňlaşdyrylmagyna gyzyklanma bildirilýändigini belledi. Ýurdumyzyň bu ugurda toplan tejribesi giň halkara ykrarnama mynasypdyr. ÝUNISEF-niň Türkmenistandaky wekilhanasy bilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň arasynda gol çekilen özara düşünişmek hakynda Ähtnamanyň durmuşa geçirilmegi duşuşykda ara alnyp maslahatlaşylan esasy meseleleriň biri boldy. Bu resminama durmuş ähmiýetli wezipeleri çözmekde tagallalary birleşdirmek üçin berk hukuk binýady bolup çykyş edýär.

Pikir alyşmalaryň çäklerinde Ähtnamanyň bilelikdäki hereketleri utgaşdyrmak babatda täze gözýetimleri açýandygy bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, taraplar ösüp gelýän ýaş nesliň abadan durmuşy üçin has amatly şertleri döretmäge gönükdirilen bu resminamany ýerine ýetirmäge taýýardyklaryny tassykladylar.

Duşuşygyň dowamynda bilelikdäki taslamalaryň amala aşyrylyşy bilen baglanyşykly meseleler barada-da durlup geçildi. Nygtalyşy ýaly, häzirki wagtda özara hyzmatdaşlyk yzygiderli we uzak möhletleýin häsiýete eýe bolup, saglygy goraýyş, inklýuziw bilim, çagalaryň durmuşa goşulyşmagy ýaly dürli ugurlary öz içine alýar. Geljek üçin meýilnamalary ara alyp maslahatlaşmagyň dowamynda taraplar ynsanperwer meseleleriň giň toplumy boýunça ýakyn dialogy dowam etdirmegi maksat edinýändiklerini tassykladylar.

ÝUNISEF-niň wekili Türkmenistanyň çagalaryň hukuklaryny goramak babatda halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmäge jogapkärçilikli çemeleşýändigine ünsi çekdi.

Duşuşygyň ahyrynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa hem-de BMG-niň Çagalar gaznasynyň Türkmenistandaky wekili Jalpa Ratna tagallalaryň birleşdirilmeginiň çagalaryň röwşen geljegini üpjün etmek işinde täze sepgitlere ýetmäge mümkinçilik berjekdigini belläp, ýola goýlan hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

Şeýlelikde, bu duşuşyk adamy jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy hasaplaýan Türkmenistanyň çagalaryň saglygynyň hem-de ýagty geljeginiň bähbidine ynsanperwer taglymlara, halkara hyzmatdaşlyga ygrarlydygynyň nobatdaky güwäsi boldy.

**«Mugallymlar gazeti».**

# BEDEW BATLY ÖSÜŞLERE BUÝSANÇ

***Abadan ýurdumyzda agzybir halkymyz hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylyny uly üstünliklere, täze ösüşlere, ýokary ruhubelentlige besleýär. Munuň şeýledigine şanly ýylymyzyň ilkinji aýynyň 16 — 25-i aralygynda Monako Knýazlygynyň Monte-Karlo şäherinde 48-nji halkara sirk sungaty festiwalynyň geçirilmegi, halkara festiwalyň çäklerinde geçirilen dabaraly çärede «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna sirk sungatyna uly goşandy üçin Bütindünýä sirk federasiýasy hem-de Ýewropa Sirk assosiasiýasy tarapyndan halkara şahadatnamalaryň gowşurylmagy hem aýdyň şaýatlyk edýär. Ajaýyp ahalteke bedewleri, olaryň sazlaşykly hereketleri, şeýle hem türkmen ýigitlerimiziň hereketleriniň tizligi, iň çylşyrymly tilsimleriň ýerine ýetirilişiniň ýokary derejesine ussatlyk bilen erk etmegi dünýäni haýrana goýýar.***

Häzirki ajaýyp döwrümizde Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary esasynda milli medeniýetimizi we sungatymyzy ösdürmek, kämilleşdirmek hem-de ony Ýer ýüzünde giňden wagyz etmek boýunça giň gerimli oňyn başlangyçlar, netijeli işler üstünlikli amala aşyrylýar. Şonuň netijesinde hem, bu babatda sungatyň dürli ugurlary bilen bir hatarda, milli sirk sungatynyň ösdürilmegine hem möhüm ähmiýet berilýändigini buýsanç bilen aýratyn bellemek gerek. Bu günki günde ýurdumyzyň belent abraýy dünýäde hem giňden ykrar edilýär. Şeýle ösüşli ýollaryň gözbaşynda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň durmuşa geçirýän beýik işleri, uly aladalary, taýsyz tagallalary bardyr. Her bir rowaçlygyň, ösüşiň gözbaşynda beýik işleriň, taýsyz tagallalaryň durandygyny duýmak halkymyzy täze üstünliklere ruhlandyrýar.

Mälim bolşy ýaly, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň 16 — 25-nji ýanwary aralygynda Monako Knýazlygynyň Monte-Karlo şäherinde 48-nji halkara sirk sungaty festiwaly geçirildi. Oňa ýurdumyza wekilçilik edip, Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumynyň «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň seýsi — topar ýolbaşçysy, Türkmenistanyň at gazanan atşynasy Serdar Pygyýew we Türkmenistanyň Döwlet sirkiniň baş direktory Serdar Gurbangulyýew hormatly myhman hökmünde gatnaşdylar. Monte-Karloda geçirilen halkara sirk sungaty festiwalynda uly üstünlige eýe bolmak, «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna sirk sungatyna uly goşandy üçin Bütindünýä sirk federasiýasy hem-de Ýewropa Sirk assosiasiýasy tarapyndan halkara şahadatnamalaryň gowşurylmagy belent maksatlaryň rowaçlyklara beslenýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.







Hemmämiziň bilşimiz ýaly, Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen 2007-nji ýylda döredilen «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary milli mirasymyzy dünýäde giňden tanatmaga uly goşant goşýar. Halkara we bütindünýä festiwallarynyň ençeme gezek ýeňijisi bolan toparyň 2025-nji ýylda Monako Knýazlygynyň Monte-Karlo şäherinde geçirilen 47-nji sirk festiwalynda üstünlikli çykyş edip, Altyn baýraga we beýleki ýörite baýraklara mynasyp bolmagy hem munuň nobatdaky gezek aýdyň tassyklanmasydyr. Bu taryhy ýeňiş Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalarynyň netijesinde amala aşdy. Bu festiwal dünýäde iň nusgalyk sirk sungatynyň wekillerini özünde jemläp, oňa sungaty öwrenijiler, bilermenler gatnaşdylar. Şeýle ussatlaryň ýygnanan ýerinde türkmen ýigitleriniň ussatlygyny görkezip, ýokary derejede çykyş etmekleri häzirki ajaýyp döwrümizde milli gymmatlyklarymyzy, behişdi bedewlerimizi dünýä ýaýmaga giň mümkinçilikleriň döredilýändigini Ýer ýüzüne nobatdaky gezek aýdyňlygy bilen aýan etdi.





Asylly maksatlardan ugur alnyp, 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip atlandyrylmagy hem çuňňur many-mazmuna eýedir. Şeýle asylly ýörelgeler Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň dünýäde bedew batly ösüşleriň mekanydygyny aýdyň beýan edýär. 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip atlandyrylmagy hem şanly ýylymyzda bu şygaryň täze üstünliklere, bedew batly ösüşlere badalga bolup, bagtyýar halkymyzy ajaýyp zähmet ýeňişlerine, röwşen geljege ruhlandyrjakdygyny alamatlandyrýar.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda dünýäde dost-doganlyk gatnaşyklary ösdürilýär, halklaryň arasyndaky hoşniýetli hyzmatdaşlyk pugtalandyrylýar. Sungat, medeniýet halklary dostlaşdyrýar. Munuň şeýledigini Monte-Karloda geçirilen halkara festiwalyň mysalynda hem aýdyň görmek bolýar. Halklaryň arasyndaky dost-doganlygy ösdürýän, medeniýetimizi we sungatymyzy, milli gymmatlyklarymyzy ylmy esasda öwrenmäge, kämilleşdirmäge hem-de dünýäde giňden wagyz etmäge döwrebap mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli durmuşa geçirýän beýik işleri üstünliklere beslensin!

**Sanjar ATAÝEW,**
**«Mugallymlar gazeti».**

Usulyýet — sapagyň esasy

## OKUWÇYLARYŇ SÖZLEÝIŞ DILINI ÖSDÜRMEK

Orta mekdeplerde sapaklary gyzykly hem netijeli guramaga oňaýly şertler döredilýär. Her bir mugallym ylymly, bilimli ýaş nesli kemala getirmek üçin okuwçylaryň sözleýiş, ýazuw we özbaşdak pikirlenmek endikleriniň kämilleşmegini gazanmalydyr. Okuwçylarda bu endikleri kämilleşdirmek we ösdürmek gönüden-göni türkmen dili we edebiýat mugallymlarynyň wezipesidir.



Edebiýat sapagynda okuwçylaryň sözleýiş dilini ösdürmek üçin geçilýän her bir temanyň içgin öwrenilmegi, gaýtalanmagy zerurdyr.

Edebiýat sapagynda sözlük bilen işlemek okuwçylaryň sözleýiş diliniň ösmeginde örän ähmiýetlidir. Okuw kitabyndaky powestdir hekaýa öwrenilende, okuwçylara eserden berlen böleklerde özleri üçin düşünmesi kyn bolan sözleri iş depderlerine belläp, öýde öwrenip gelmeklerini tabşyrýarys, bu hem olarda uly gyzyklanma döredýär.

Okuwçylaryň arasynda kitap okamak boýunça bäsleşikleri geçirmek hem olaryň kitap okamaga bolan höwesini artdyrýar, sözleýiş diliniň ösmegine örän uly täsir edýär. Bu bolsa olaryň türkmen dili sapaklarynda diktanty sowatly ýazmaklaryna ýardam edýär. Okuwçylaryň synp tagtasynda okan kitaplarynyň gahrymanlaryny klaster görnüşinde ýazyp, şol gahrymanyň häsiýetine seljerme bermekleri bolsa, olaryň özara bäsleşip okamaklaryna we okan eserleriniň many-mazmunyna çuňňur düşünmeklerine kömek edýär.

Nusgawy şahyrlaryň goşgularyny ýat tutmak, labyzly okamak hem okuwçynyň sözleýiş dilini kämilleşdirýän usullaryň biridir. Goşgy ýat tutmagyň dürli usullaryny ulanyp, okuwçynyň ýatkeşligini, hem sözleýiş dilini ösdürmek bolýar. Mysal üçin, 6-njy synplarda Mämmetweli Keminäniň «Içmek» goşgusy geçilende, ony ýatdan soramagyň dürli usullaryndan peýdalanýarys. Ilki bilen, okuwçy goşgyny labyzly ýatdan aýtmaly, soňra mugallym goşgyny tablisa görnüşinde okuwçydan soramaly. Mysal üçin, mugallym bu goşgudan haýsy hem bolsa bir bendiň bir setirinden aýdyp başlamaly, okuwçy yzyny dowam etmeli. Ýene bir usuly mugallymyň goşgudan bir setiri okamagydyr, okuwçy şol setiriň goşgynyň haýsy bendi we näçenji setiridigini bilmeli. Indiki usuly bolsa, mugallym, meselem, goşgynyň dördünji bendiniň ikinji setiri diýende okuwçy şol setiri ýatdan aýtmaly. Şeýle usullardan peýdalanmak okuwçynyň goşgyny has gowy ýat tutmagyna, sözleýiş diliniň kämilleşmegine kömek edýär.

Ýene bir usul, okuwçylaryň özbaşdak pikirlenmek endiklerini ösdürmek maksady bilen, goşgynyň haýsy hem bolsa bir bendiniň sözlerini aýry-aýry kagyza ýazmaly, mugallym şol sözleriň arasyna, goşgy setirlerinde ýok sözleri hem goşup biler. Wagt tutup, goşgynyň sözlerini ýerbe-ýer goýmagy okuwça tabşyrmak okuwçynyň sözleýiş diliniň ösmegine, özbaşdak pikirlenmek endiginiň kämilleşmegine ýardam edýär.

Sapagyň ahyrynda «Içmek» sözüniň aňladýan manysy, başga nähili manylarda ulanylýandygy, türkmen dilinde şeýle sözlere, ýagny ýazylyşy we aýdylyşy bir bolup, aýry-aýry many aňladýan sözlere näme diýilýändigi barada sowal-jogap alyşmak bolar. Munuň özi omonimlere degişli başga-da sözleri tapmagyň, manylaryny düşündirişli sözlükden öwretmegiň hem okuwçynyň sözleýiş dilini ösdürmegiň bir usulydyr.

**Bahar DURDYÝEWA,**
**Arkadag şäherindäki 1-nji ýöriteleşdirilen okuw-terbiýeçilik toplumynyň mugallymy.**

## GOŞULMALARYŇ GÖRNÜŞLERINI ÖWRETMEGIŇ USULLARY

Her bir halkyň milli dili onuň ruhy keşbiniň aýnasy hasaplanýar. Şonuň üçin diliň arassalygyny hem-de ähli kadalaryny berk saklap, geljekki nesillere ýetirmek türkmen dili mugallymlarynyň esasy wezipesidir. Okatmagyň işjeň usullaryny peýdalanmak arkaly okuwçylara ene dilimiziň aýratynlyklaryny öwretmäge çalyşýarys.

Türkmen dili sapaklarynda okuwçylara sowatly we dürs ýazmagy, goşulmalary söze tertip boýunça goşmagy, görnüşlerini tapawutlandyrmagy öwretmek olaryň morfologik derňewi ýeňil öwrenmegi üçin zerur bolup durýar. Türkmen dilinde goşulmalar söz ýasaýjy, söz üýtgediji, şekil we dereje ýasaýjy diýen görnüşlere bölünýär. Söz ýasaýjy goşulmalar goşulan sözlerinden täze manyly söz ýasamaga gatnaşsa, söz üýtgediji goşulmalar (düşüm, ýöňkeme, köplük san) sözlemde sözleri baglanyşdyrmak hyzmatyny ýerine ýetirýärler, şekil we dereje ýasaýjy goşulmalar bolsa, sözüň manysyna täsir etmän, onuň diňe şekilini üýtgedýär. Goşulmalarda ýüze çykýan şu aýratynlyklary okuwçylaryň oňat özleşdirmegi, ýadynda has gowy galdyrmak üçin şu temany geçenimizde, okuwçylara, ilki bilen, düýp sözi we goşulmany tapmagy öwredýäris. Multimedia tagtasynda «işçi», «nobatçy», «sözlük», «girelge» ýaly birnäçe ýasama sözleriň ýasaýjy goşulmalar arkaly ýasalyşyny morfologik derňew edýäris.

Türkmen dilinde düşüm, ýöňkeme, köplük san goşulmalary — söz üýtgediji goşulmalar bolup, olary gaýtalamak üçin sowal-jogap alyşýarys. Okuwçylaryň ýazuwda ýalňyşlyga ýol bermezligi üçin *goýun, gadyr, alym, ýaglyk, öýümiz*... ýaly sözleri synp tagtasynda düşümde, ýöňkemede üýtgetmegi maksadalaýyk hasaplaýarys. Şu usul arkaly okuwçylar dar çekimlileriň düşüp-düşmezlik kadasyny we dodak çekimlileriň ýazuw düzgünlerini hem gaýtalaýarlar.

Türkmen dilindäki goşulmalaryň okuwçylaryň gowy ýadynda galmagy üçin şekil we dereje ýasaýjy goşulmalary aşakdaky goşgy bentleri arkaly gaýtalap berkidýäris:

*Şekil hem-de dereje,*
*Goşulmalaň görnüşi.*
*Işliklerde, atlarda,*
*Üýtgeder daş görnüşi.*

Öwredilýän her bir tema boýunça gysgajyk goşgy bentlerini düzmegi, synpyň döredijilik ukybyna görä, okuwçylaryň özlerine hem goşmaça ýumuş hökmünde tabşyrmak mümkin. Şeýle edilende, okuwçylaryň goşgy düzmek ukybynyň ýüze çykyp, kämilleşýän halatlary hem seýrek däl. Şeýlelikde, dersara baglanyşyk hem ýola goýulýar.

**Bägül GURBANOWA,**
**Aşgabat şäherindäki ýöriteleşdirilen 52-nji orta mekdebiň mugallymy.**

## SYNP SAGATLARYNDA MILLI TERBIÝE

Mekdepde guraýan her bir sapaklarymyzda we synp sagatlarymyzda «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylymyzyň şygarynyň manysy we ähmiýeti dogrusynda okuwçylara giňişleýin düşünje berýäris. 5-nji synplarda guran synp sagadymyzda «Bedew at — uçar ganatymyz» atly tema boýunça okuwçylara düşünje berildi, gyzykly maglumatlar öwredildi. Halkymyzyň bedew atlaryna bolan söýgüsiniň asyrlaryň dowamynda süňňüne siňip, taryhyň dürli döwürlerinde şahyrlaryň döreden eserlerinde uly orun alandygyna okuwçylaryň ünsüni çekýäris. Ahalteke atlarynyň «Behişdi bedewler» diýlip atlandyrylmagy gamyşgulak bedewleriň uly şöhrata eýe bolandygyny görkezýär. Akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň, serkerde şahyr Seýitnazar Seýdiniň, Annagylyç Mätäjiniň, Gurbanaly Magrupynyň goşgularynda ýelden ýyndam bedewiň türkmen jemgyýetindäki ornunyň giňden beýan edilýändigini nygtadyk. Öýde bedewleri taryplaýan goşgy öwrenip ýa-da atyň suratyny çekip gelmeklerini tabşyryp, sapagy jemledik.

**Aýlar KURBANIÝAZOWA,**
**Saýat etrabyndaky 33-nji orta mekdebiň mugallymy.**

# AÝDYŇ MAKSATLAR — BELENT ÜSTÜNLIGIŇ ŞUGLASY

***Beýik ösüşlere, belent üstünliklere beslenýän her bir günümiz döredijilikli zähmet çekmäge ruhlandyrýar. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda durmuşa geçirilýän beýik işler halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün edýär, ýurdumyzy täze üstünliklere alyp barýar. Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny üstünlikli dowam edýän hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda eziz Diýarymyz ösýär, özgerýär, şäherlerimiz täze keşbe eýe bolýar. Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen Aşgabat we Arkadag şäherlerinde, şeýle hem ýurdumyzyň dürli sebitlerinde döredilýän her bir binagärlik dürdäneleri gözel keşbi bilen ajaýyp sazlaşygy emele getirýär. Ol binalarda bagtyýarlyk döwrümiziň belent ruhy, ösen döwrümiziň ýaraşyklylygy we ajaýyplygy öz beýanyny tapýar. Hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary bolup durýan maksatnamalaryň we taslamalaryň çäklerinde amala aşyrylýan beýik işler ösüşiň täze belentliklerine tarap ynamly öňe barýan ata Watanymyzyň ykdysady kuwwatynyň barha artýandygynyň subutnamasydyr.***

Ýurdumyzda durmuşa geçirilýän beýik işler milli ykdysadyýetimiziň ösüşleriniň aýdyň subutnamasydyr. Şeýle beýik işleriň many-mazmuny hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş taglymatynda beýanyny tapýar. Adam hakyndaky aladany baş maksada öwrüp, baky Bitarap ýurdumyzyň, merdana halkymyzyň gurujylyk hem döredijilik kuwwatyny barha rowaçlandyrýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen ýurdumyzyň ähli sebitlerinde döredilýän täze binagärlik dürdäneleri, milli binagärlik ýörelgelerimiz gurluşyk ylmynyň iň täze gazananlary bilen sazlaşykly utgaşdyrylýar. Olaryň her birinde mukaddes türkmen topragynyň gözelliklerini görmek bolýar.

Eziz Diýarymyzyň beýik ösüşleri biziň her birimizi guwandyrýar, buýsandyrýar. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda gazanylýan şeýle ösüşler ýurdumyzy dünýä meşhur edýär. Şeýle ösüşleriň ählisi halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanda adamyň bagtyýar durmuşy, halkyň abadançylygy baş wezipeleriň biridir. Şu nukdaýnazardan hem, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe durmuş maksatly beýik işler amala aşyrylýar.

Mälim bolşy ýaly, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda mukaddes Garaşsyzlygymyza 35 ýyl bolýar. Hut şu nukdaýnazardan, ýurdumyzyň ösüşlere beslenip, halkymyzyň toý sowgatlary bilen baýramlaryň joşgunly bedewleriň toýlaryň bezegi boljakdygyny aýratyn bellemek gerek. Guryan, döredýän, ynamly öňe barýan ýurdumyzda beýik ösüşlere buýsanmak we wasp etmek bagtyýarlykdyr. Şonuň üçin hem halkymyz bu beýik işlere buýsanýar, guwanýar. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen gazanylýan üstünlikler, beýik ösüşler äleme dolýar. Bu günki ajaýyp döwrümiziň aýdyň görkezijisi bolýan beýik binalar, medeni-durmuş maksatly desgalar ýurdumyzyň ykdysady ösüşiniň şuglasydyr.

**Perman SAPAROW,**
**Türkmenistanyň Mejlisiniň Durmuş syýasaty baradaky komitetiniň baş hünärmeni.**

# Bilim özgertmeleri rowaçlanýar




***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda milli ykdysadyýetiň ähli ugurlarynda beýik ösüşler, uly üstünlikler gazanylýar. Milli bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmakda, sanly bilimi has-da ösdürmekde, döwletimiziň nurana geljegi bolan ýaşlaryň ruhy-ahlak, medeni, aň-bilim hem beden taýdan sazlaşykly ösüşini yzygiderli kämilleşdirmekde ägirt uly işler amala aşyrylýar.***

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda uly ruhubelentlik hem-de ýagşy umyt-arzuwlar bilen garşy alnan «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllygy bellenilip geçiler. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň ähli ulgamlarynda ýetilen belent sepgitler, halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmekde gazanylan üstünlikler örän buýsandyryjydyr.

Ýurdumyzyň bilim ulgamynda amala aşyrylýan giň gerimli özgertmeleri durmuşa geçirmek, döwrebap bilimli, ylymly, öňdebaryjy innowasion tehnologiýalardan baş çykarýan, sagdyn bedenli, watansöýüji, edep-terbiýeli ýaş nesli kemala getirmek bilim işgärleriniň baş wezipesidir. Ýaşlaryň tebigy zehinini açmak, döredijilik ukyplaryny we başarnyklaryny ösdürmek, hünäre gönükdirmek babatda hem öňdebaryjy tejribelere daýanylýar.

«Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasynyň» we bilim ulgamyna degişli kabul edilen beýleki Konsepsiýalaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegi ýaşlarymyzyň döwrebap we ýokary hilli bilim almagyna, dürli hünärleri yhlasly öwrenmegine giň ýollary açýar.

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan içeri we daşary syýasatynyň netijesinde gazanylýan üstünlikleri, ýetilen sepgitleri ýaş nesle düşündirmek, olarda milli buýsanjy kemala getirmek biz — bilim işgärleriniň esasy borçlarymyzyň biridir.

**Şirmuhammet BERDIÝEW,**
**Arkadag şäheriniň bilim müdirliginiň başlygynyň orunbasary.**




# ÜNS BERIŇ, BÄSLEŞIK!

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi, «Mugallymlar gazeti» gazetiniň redaksiýasy «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda bilim işgärleriniň makalalarynyň we goşgularynyň iň gowularyny çap etmegi nazarda tutup, «Bedew batly ösüşler» atly döredijilik bäsleşigini yglan edýärler.**

Bäsleşigiň maksady Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda ýaş nesliň ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly bolup ýetişmegi we milli ruhda terbiýelenmegi ugrunda edilýän tagallalary wagyz etmekden ybaratdyr. Gahryman Arkadagymyzyň ajaýyp eserleriniň many-mazmunyny ýaş nesillere düşündirmek, hormatly Prezidentimiziň «Ýaşlar — Watanyň daýanjy», «Änew — müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet», «Magtymguly — dünýäniň akyldary», «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitaplarynyň terbiýeçilik ähmiýetini giňişleýin beýan etmek esasy ugurlar bolup durýar.

Bäsleşige hödürlenilýän işlerde Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen ýurdumyzda gazanylýan bedew batly ösüşler, ýaş nesilleri milli ruhda terbiýelemekde durmuşa geçirilýän işler makalalarda we goşgularda beýan edilmelidir. Şeýle hem bäsleşige hödürlenilýän işlerde mukaddes Garaşsyzlygymyz, eziz Watanymyz wasp edilmelidir, milli ýörelgelerimiz bolan gymmatlyklarymyz beýan edilmelidir. Şonuň ýaly-da, pähimdar pederlerimiziň terbiýe mekdebini, milli gymmatlyklarymyzy, behişdi bedewlerimizi wasp etmek esasy ugurlaryň biri bolup durýar. Bäsleşige 35 ýaşa çenli döredijilik bilen meşgullanýan ýaşlar we bilim işgärleri gatnaşyp bilerler.

**Bäsleşik iki ugur boýunça geçirilýär:**
**— iň gowy makalalar;**
**— iň gowy goşgular.**

Bäsleşige hödürlenilýän makalalar we goşgular döredijilik işlerine bildirilýän talaplara laýyk gelmelidir, çeperçilik, many-mazmun taýdan ýokary derejede bolmalydyr.

Bäsleşige ozal çap edilmedik döredijilik işleri hödürlenmelidir.

Bäsleşige hödürlenilýän işler kagyz görnüşinde hem-de elektron göterijide tabşyrylmalydyr. Bäsleşige gatnaşmaga isleg bildirýän bilim işgäri familiýasyny, adyny, atasynyň adyny, doglan senesini, wezipesini, ylmy derejesini, iş we öý salgysyny hem-de telefon belgisini görkezmelidir we döredijilik işini 2026-njy ýylyň 1-nji maýyna çenli «Mugallymlar gazeti» gazetiniň redaksiýasyna gowşurmalydyr.

Bäsleşige hödürlenilen işler ýörite topar tarapyndan seljeriler. Eserleriň has tapawutlananlary «Mugallymlar gazeti» gazetinde çap ediler. Bäsleşigiň jemi 2026-njy ýylyň maý aýynyň soňky ongünlüginde Türkmenistanyň Jemgyýetçilik guramalarynyň merkezinde jemlener.

Bäsleşigiň ýeňijileri Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň, «Mugallymlar gazeti» gazetiniň redaksiýasy tarapyndan Hormat hatlary we gymmat bahaly sowgatlar, şeýle hem tapawutlanan işler üçin höweslendiriji baýraklar dabaraly ýagdaýda gowşurylar.

**Habarlaşmak üçin telefonlar:**
**Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi: 44-88-55;**
**«Mugallymlar gazeti» gazetiniň redaksiýasy: 39-96-40;**
**«Mugallymlar gazeti» gazetiniň elektron poçtasy:**
**mugallymlar-gazeti@sanly.tm**

# BAGTYÝAR DURMUŞYŇ GÖZBAŞY

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň her bir güni şanly wakalara beslenýär. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary esasynda Türkmenistan beýik ösüşi bilen ynamly öňe barýar, ýurdumyzda ylym, bilim syýasatyny mundan beýläk-de düýpli kämilleşdirmek, orta we ýokary okuw mekdeplerinde kämil tehnologiýalary ornaşdyrmak babatda öňde goýlan wezipeler üstünlikli durmuşa geçirilýär.***

Türkmenistan döwletimiz adamzadyň parahatçylyk we ynsanperwer ýörelgeleriniň has-da dabaralanýan ýurdudyr. Häzirki ajaýyp döwürde ýurdumyz beýik ösüşlere beslenýär. 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilmegi hem halkymyzyň Garaşsyzlygyň, baky Bitaraplygyň gazanan üstünliklerine bolan buýsanjyny, türkmen bedewlerine bolan guwanjyny hem-de toý şatlygyny goşalandyrdy. Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşýän türkmen topragy dünýä halklarynyň söýgüli mekanyna, ylmyň-bilimiň yzygiderli ösýän merkezine, dost-doganlyk gatnaşyklarynyň rowaçlyklara beslenýän ýurduna öwrüldi.

Hormatly Prezidentimiz her bir ýaş nesliň erkin, asuda, parahat ýaşamagy, Watanymyza, mähriban halkymyza mynasyp adamlar bolup ýetişmegi ugrunda netijeli işleri durmuşa geçirýär. Döwletimiz tarapyndan nurana geljegimiziň eýeleri bolan bagtyýar ýaşlaryň bilimli, ylymly, hünärli bolmagy ugrunda uly aladalar edilýär.

Ýurdumyzda ylym, bilim syýasatyny mundan beýläk-de düýpli kämilleşdirmek, orta we ýokary okuw mekdeplerinde berilýän bilimiň hilini we derejesini dünýä ülňülerine laýyklykda ýola goýmak, döwrebap okuw kitaplaryny, gollanmalary taýýarlamak, täze tehnologiýalary, tehnikalary, kompýuterleri ylym-bilim ulgamlaryna ornaşdyrmak babatda öňde goýlan wezipeler aýgytly depginler bilen durmuşa geçirilýär.

Halkymyz abadan, bagtyýar durmuşda ýaşaýar. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda medeni gymmatlyklarymyz dünýä ýüzünde giňden wagyz edilýär, yzygiderli ösdürilýär. Ata-babalarymyz maddy we ruhy gymmatlyklary döredip, olary asyrlarboýy sünnäläp halkymyza ýetirmekde ägirt uly işleri ýerine ýetirdiler. Edebi mirasymyzyň her bir çeşmesi türkmen ýaşlaryna terbiýe mekdebidir.

**Yslamberdi TYLLANUROW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.**

# KITAPHANA — RUHY BAÝLYGYŇ HAZYNASY

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda ähli ulgamlar bilen bir hatarda, bilim ulgamyny ösdürmek, okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek, sanly bilim ulgamyny ornaşdyrmak boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Hormatly Prezidentimiziň Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasy» esasynda ýurdumyzyň umumybilim berýän orta mekdeplerinde ýaşlaryň giň dünýägaraýyşly, Watana wepaly, kämil nesil bolup ýetişmekleri ugrunda toplumlaýyn işler alnyp barylýar.***

Konsepsiýanyň mazmuny diňe bir okuwçylaryň kämil bilim almaklaryna giň mümkinçilikleri döretmek bilen çäklenmän, eýsem, bilim ulgamynda zähmet çekýän halypa mugallymlar bilen bir hatarda, ýaş hünärmenleriň halypa-şägirtlik ýörelgelerini pugtalandyrmaga, özara tejribe sapaklaryny guramaga mümkinçilik berýär. Bu bolsa ata-babalarymyzyň halypa-şägirtlik ýörelgeleriniň üstünlikli ösdürilýändigini aýdyň subut edýär.

Mekdebimizde okuwçylara berilýän bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmaga, hilini ýokarlandyrmaga we okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmäge giň mümkinçilikler bar. Şundan ugur alyp, usuly-amaly okuwlaryň geçirilmegi oňat netije berýär. Şeýle-de mekdebimiziň kitaphanasynyň gorunyň üsti döwrebap kitaplar bilen yzygiderli ýetirilip durulýar. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ajaýyp kitaplarynyň kitap tekjelerini bezeýändigini aýratyn bellemek gerek. Mekdebimiziň okuwçylary hem kitaphana yzygiderli gelýärler we ylmy çeşmelerden peýdalanýarlar. Munuň özi okuwçylarda kitap okamak endikleriniň ösdürilýändigine, ylym-bilime söýginiň artdyrylýandygyna güwä geçýär. Bu bolsa ýaşlaryň bilimlerini artdyrmakda, köptaraplaýyn düşünip, pikirlenip, netije çykaryp bilmek endiklerini kemala getirmekde möhüm ähmiýete eýedir. Ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmekde, olara netijeli bilim bermekde Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ajaýyp kitaplary esasy gollanma bolup durýar. Döredilýän şertlerden, mümkinçiliklerden peýdalanyp, biziň her birimiz yhlasly, tutanýerli zähmet çekmäge borçlanýarys. Bilim ulgamynda durmuşa geçirilýän beýik işler oňyn netijesini berýär. Hut şonuň üçin hem häzirki ajaýyp döwrümiziň ýaşlary bilimli, giň dünýägaraýyşly bolup ýetişýärler. Munuň özi röwşen geljegimiziň berk binýadydyr.

**Zarina EREŞOWA,**
**Dänew etrabyndaky 31-nji orta mekdebiň kitaphanaçysy.**



XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR
MUGALLYMLAR GAZETI
ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

Baş redaktor
Söhbet NURBERDIÝEW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly-100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.

TELEFONLARYMYZ:
kabulhana — 38-61-53; jogapkär kätip — 39-96-40.
E-mail: mugallymlar-gazeti@sanly.tm
BÖLÜMLER:
syýasat — 39-96-39; milli miras we edebiýat — 39-96-45; orta bilim we terbiýeçilik işi — 39-96-47; ylym, ýokary we ýörite orta okuw mekdepleri — 39-96-42; habarçy hatlar — 39-96-48; kompýuter merkezi — 39-96-43; faks — 38-61-45.

Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

Gazet hepdäniň duşenbe, çarşenbe günleri çykýar.

SANY - 18400.

4 833001 500073

Bahasy 30 teňňe.

Indeksi — 69452. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A2, möçberi 2 ç.k. A-117992

Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 39-95-36.